# Siriýada kim üstün çykdy?

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Siriýada kim üstün çykdy? SIRIÝADA KIM ÜSTÜN ÇYKDY?



*Fotosurat: Bakr Alkasem / AFP*

Makalanyñ adyndaky soragyñ jogabyny gürrüñimiziñ soñuna saklamak bilen käbir kesgitlemeleri bermäge synanyşalyñ.

Ilki bilen-ä geçen aýlaryñ dowamynda, hatda birnäçe ýyllap Siriýa boýunça düşündiriş berip gelýän «professor», «doktor», «otstawkadaky general», «pensiýadaky ilçi», «howpsuzlyk hünärmeni» ýaly goşadyrnak içindäki hünärmensumaklaryñ birine-de ynanmaly däldigini bildik. Ençeme aýlap mawy ekranda lakgyldap otursalar-da, ýekesi soñky on günde bolup geçen wakalary öñünden çaklap bilmedi. Emma olar häzirem utanman-uýalman akyl satmaklaryny dowam etdirýärler, halk hem harby çinlerine ýa ýörite atlaryna seredip, olaryñ gepini diñlemelidir öýdýär.

Ýogsam bolmasa, siriýalylaryň halaýan iň gowy aýdymçysy kim, ol ýurduň Ažda Pekkany, Jüneýit Arkyny, Filiz Akyny kim, arap, dürzi, kürt, nusaýri, türkmen ýaly etniki toparlaryň arasyndaky iň esasy aýratynlyklar nämede diýseňiz, hiç biri dogry-dürs jogap berip bilmez. Elbetde, Google-de kän wagtyňy giderip dümtünip oturmazdan…
Siriýada kimiň ýeňlendigi hemmelere mälim. Elbetde, Esed režiminiň iň uly iki howandary Eýran bilen Orsyýet.
Şonsuzam Eýranyň soňky 100 ýylda we belki-de ondanam öňräkden bäri hiç bir uruşda ýeňen ýerini gören ýok.
Esaslandyrylan 1979-njy ýylyndan bäri yzyjy üzmän «Ysraýyla ölüm!» diýip, gygyryp gelen Eýran Yslam Respublikasy ahyrynsoňunda jöhit döwleti bilen garşylaşmaly pursat gelip ýetende gumbaýrakdan ýasalan ýaly duw-dagyn boldy, frontda ýeňilmek beýlede dursun, öz ýerini, hatda paýtagtyny gorap bilmedi.
Atly-owazaly generallaryndan başlap prezidentlerine çenli birnäçe ýokary wezipeli eýranly ýa teraktda ýa-da şoňa meňzeş heläkçiliklerde wepat boldy.
Orsyýet üçin-ä Şamyň elden gitmegi soňky birküç ýylyň içinde Daglyk Garabagdan soň alan ikinji urgusy ýa-da ýeňilgisi.
Ýadyňyza salyň, ysraýyl istrebitelleriniň gaýta-gaýta Şamy bombalamagyna sesini çykarmaýan Orsyýet biziň uçarlarymyzyň Siriýanyň howa çäklerine girmegine rugsat bermeýärdi. Ýagny günortamyzda bize dost ýaly görnensiräp, ýeňiniň aşagyndan Günbatar bilen işleşen Orsyýet bardy.
Elbetde, Orsyýet bilen Eýranyň Siriýadan el-aýagyny çekmegi bize gowy boldy.
Ikisi-de «beýle dostdan duşman ýagşy» diýip boljak iki goňşymyz. Şoň üçinem Russiýadyr Eýranyň ýeňilmegi biziň üstün çykandygymyzy aňladýar.
Tersine Siriýada häzir anygyny onçakly bilip bolmaýan ýagdaýlary başdan geçirýärdik. Hawa, ÝPG terrorçy topary Şama giren bolsa, «bu ABŞ-dyr Ysraýyl ikisiniň işi» diýerdik. Ýa-da Şamyň gapysyna gelip dirän Milli Siriýa Goşuny bolan bolsa, «arkasynda Türkiýe bar» diýerdik. Eýsem-de bolsa hiç kimiň çaklamadyk, düýnki güne çenli ady-sory eşdilmedik topar orta

çykdy.
Hemmeler «El-Kaidäniň galyndysy HTŞ-niň boljagy boldy, zat galmady» diýip durka, toparyň bir ýerlerden göbegine basylan ýaly herekete geçip, az wagtda režimi agdarmagy hemmeleri haýrana goýdy.
Elbetde, sahnanyň aňyrsynda kim ýa-da kimleriň bardygyny heniz bilemzok.
HTŞ ýaly berk dinçi toparyň Siriýada häkimiýeti eýelemegi ABŞ-nyňam, Ysraýylyňam, Türkiýäniňem, ÝB-niňem, asla hiç kimiň bähbidine däl.
Topar bary-ýogy on günüň içinde Şamy ele salyp biljek güýji nirden tapdy?
Hakykatdanam, jogabyny bilesim gelýän sorag.
Siriýa on ýyldan agan graždanlyk urşundan soň häzirki taryhy prosesine girdi. Bu ýerde iň esasy üns bermeli zadymyz – Siriýanyň territorial bitewiliginiň goralmagy, ikinjisi bolsa ÝPG-niň howply topar hasaplanmakdan çykarylmagy. Ýagny guk ýanymyzda elmydama partlamaga taýýar granat durmagyny islemeýän bolsak, ÝPG hiç bir ýagdaýda täze siriýa režiminde ýer almaly däl.
Beý diýdigim, kürtler döwlet dolandyryşyna gatnaşmaly däl diýdigim däl. Türkiýä duşmançylyk beslemeýän, biziň ýerlerimize göz dikmeýän kürt taýpalart elbetde täze hökümet düzümine girmeli, girmäge mynasyp hem.
Türkiýäniň iň üns bermeli zady, togsanynjy ýyllaryň başynda Yrakda goýberilen ýalňyşlygy ýadyna salyp, bu gezek oýlanyşykly hereket etmegi, hatda öňki ýalňyşlygyny gaýtalamazlygydyr.
Birinji Pars aýlagy urşundan soň Yrakda özygtyýarly Kürdüstan hökümetu gurlanda, Türkiýe ol ýerdäki kowumdaşlaryny, ýagny Yrak türkmenlerini ýatdan çykarypdy. Eýsem-de bolsa ilki bilen Erbilde ABŞ-nyň goldawy bilen awtonom Kürdüstan hökümeti gurlanda, Türkiýäniňem Mosuldan we Kerkukdan ybarat zolakda Yrak Türkmen awtonom hökümetini gurmagy gerekdi. Ýöne nämüçindir beýdilmedi.
Häzir Türkiýäniň otuz ýyl öň goýberen bu ýalňyşlygyny düzetmegiň wagty geldi.

Siriýada täze režim gurlanda, Türkiýe siriýaly türkmen kowumdaşlarymyzyň arkasynda berk durmaly, gerek bolsa olar üçin özygtyýarly hökümet zonasyny gurmaly.
Beýtmek, Türkiýänin territorial bitewigi, aýratynam serhet howpsuzlygy üçin zerur. Ýagny gapdalymyzda bize ýürekden we ruhy taýdan ýakyn adamlaryň, kowumdaşlarymyzyň dolandyrýan sebiti bolsa, bizem hatyrjem bolarys. Ata-babalarymyz «Öý alma, goňşy al» diýip ýöne ýere aýtmandyr. Siziň bilen köňül ýakynlygy bolan goňşyňyz bolsa, ömürlik hatyrjem bolarsyňyz, özüňizi arkaýyn duýarsyňyz.
Siriýa häzirkizaman döwlet hökmünde gurlan gününden bäri bize gowy göz bilen seretmedi. Uzak wagta çeken osmanly häkimiýetini göz öňüne tutsak, muňa belli bir derejede dogry düşünse-de bolar. Şeýle-de bolsa, Siriýanyň biziň respublikan taryhymyzyň dowamynda özüniň dargamaga meýilli döwlet gurluşyna seretmezden bizden ýer talap edýändigini, Hataýy öz kartasynyň içinde görkezýändigini ýatdan çykarmaly däl. Şonuň üçin bu gezek Siriýada ýüpüň bir ujy biziň elimizde bolmaly. Onunam ýoly gapdalymyzda Özygtyýarly Türkmen hökümetini döretmekden geçýär.
Beýtmek bilen iki okda bir towşan awlarys, hem-ä serhet howpsuzlygymyzy berkideris, hemem kowumdaşlarymyzyň hak-hukuklaryny kepillik astyna alarys.
Siriýada üstün çykan biri bar bolsa, ol hem siriýa halkydyr. Siriýalylaryň ýarym asyrdan geçen ganly Esed režiminiň agdarylyşyny gutlamaga aňryýany bilen haky bar. Siriýa halkynyň bu hakly ýeňişe bolan buýsanjy gursagynda galmaz diýip umyt edýäris.
Bütin dünýäniň umydy uzak wagtlap parahatçylyga, asudalyga zar bolan bu betbagt ýurtda hemmeleri gujaklaýan demokratik düzgüniň gurulmagy we ýurtdaky ähli etniki toparlaryň agzybirlikde hem-de asudalykda ýaşamagydyr.

Esedulla OGUZ,
Germaniýada ýaşaýan türkiýeli türkmen žurnalisti.

Sişenbe, 10.12.2024 ý. Publisistika